Sen şu mahal penjiräňi açdyňmy
Ýolyn yzlap õz bagryndan öneniň
Säher çagy men ýadyňa düşdümmi?
Seni biwagt ynjytdymmy dönenim?

Belki agşam girendirin düýşüňe
Alnyňda durandyr perişan halym
Endigime gõrä geçip gaşyňa
Içgin içgin sorandyryn ahwalyň?

Belki görüp arasynda gülleriň
Näler begenensiň, hyýalyň päkdir
Eje kesel çeýnän näzik elleriň
Sygyr sagmagada ysgyny ýokdur.

Şol gaýtalap bolgusyzja hökümin
Ah seni garadar garradar gaty.
Bir tarapdan iňňirdisi kakamyň,
Bir tarapdan ogullaryň haýbaty.

Onda karar tapman dertli janyňa,
Meni küýsäp menzilleri aşarsyň.
Men hõkman bararyn seniň ýanyňa
Sen penakär ýyldyzyňa duşarsyň.

**Şähribossan Geldimämmedowa**

Все права защищены